# Senden öwrendim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Senden öwrendim SENDEN ÖWRENDIM

…Ganatsyzja uçmagyda
Şatlyk, bagty guçmagyda
Umyt öýin açmagyda
Hiç zatsyz tutaşyp – sensiz,
Ýene sensiz öçmegide…
Ýene sessiz öçmegide…
Ählisin senden öwrendim..!

Senli bahar, sensiz gyşdym
Her gije düýşümde duşdym
Aý nurly, gül keşbiň gördim
Göreçlere bakdym
Tapylmadyk,
Hiç kimden tapylmajak
Yşgymy tapdym
Orhideýalarymy berdim…
…Öňler beýle däldim,
Bu ukuby-da senden öwrendim..!

…Hiç kimde ýok gaýgylary,
Hiç kimde ýok duýgulary,
Hyýallary, arzuwlary –
aldym
Yşgyň meýin içip,
sermest boldum,
Düňle boldum
Däli boldum
Arşa uçup – Ýere girdim
Deňze gaçyp – otda köýdim
Bulary senden öwrendim
Köpüsin tapyp öwrendim

Käsini ýitrip öwrendim
Göreşlerde ýaragymdyň
Setirlerde galamymdyň
Kapyýam, şygyr sözbaşy
Täsin ylhamyň gözbaşy
Ählisi sendiň!
Ählisin Senden öwrendim..!

…Saňa duşup öwrendim!

Ylham GURBANALYÝEW.

2023.01 Goşgular